# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

TÜRKMENISTANYŇ BILIM MINISTRLIGI

TÜRKMENISTANYŇ DAŞARY IŞLER MINISTRLIGINIŇ
HALKARA GATNAŞYKLARY INSTITUTY

# HÄZIRKI ZAMAN HALKARA GATNAŞYKLARYNYŇ DERWAÝYS MESELELERI

(makalalar ýygyndysy)

Aşgabat • Ylym • 2024

# I BAP
# SANLY DIPLOMATIÝA

**Ýazyrhan Hallyýew,**
*Sanly diplomatiýa ugrunyň magistranty*

## AZIÝA-ÝUWAŞ UMMANY ÝURTLARYNYŇ ÖSÜŞ DEPGINI WE OLARYŇ TÜRKMENISTAN BILEN HYZMATDAŞLYGY

Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistan häzirki döwürde ýüze çykýan howplara garşy durmak üçin tagallalary birikdirmek maksady bilen, giň halkara hyzmatdaşlygy ýola goýýar. Ylalaşyklyk ýörelgelerine eýermek bilen Türkmenistan BMG-niň AÝUS sebitinde parahatçylyk we ýaragsyzlanmak boýunça sebitleýin merkeziniň çärelerine işjeň gatnaşýar. 1996-njy ýylyň sentýabr aýynda Türkmenistan Nýu-Ýorkda ýadro ýaraglary ýaýratmazlyk hakynda ählumumy şertnama gol çekdi. Türkmenistan hukuk işlerinde BMG-niň tertipnamasyndan, şeýle hem halkara hukugynyň ýörelgelerinden gelip çykýan kadalary berk ýerine ýetirýär [1].

AÝUS dünýäniň ýokary depginler bilen ösýän sebitleriniň biridir. 2023-nji ýylda AÝUS-yň jemi içerki önümi 39,7 trillion amerikan dollaryna barabar bolup, global jemi içerki önümiň 38%-ini eýeledi. Bu görkezijiniň 2030-njy ýyla çenli 54,7 trillion amerikan dollaryna ýetmegine garaşylýar.

Parahatçylygy saklamakda we urşuň öňüni almakda has netijeli serişdeleriň biri hem ýaragsyzlanmakdyr. Birinji jahan urşuna çenli halkara hukugynda ýaragsyzlanmak ýa-da ýaraglary azaltmak barada döwletleriň borçlary barada hiç zat ýokdy. Ilkinji gezek bu karar Milletler Ligasynyň Statusynda halkara hukuk taýdan ykrar edildi. Ýaragsyzlanmak ýörelgesiniň tassyklanmagynda BMG-niň Düzgünnamasy aýgytlaýjy ädim boldy. Düzgünnama diňe bir ýaraglary düzgünleşdirmek däl-de, eýsem ýaragsyzlanmagyň amala aşyrylmagynyň hem möhümdigini ykrar etdi. Ýaragsyzlanmak meselesi bilen Baş Assambleýanyň birnäçe kömekçi edaralary meşgullanýarlar: BMG-niň Ýaragsyzlanmak boýunça Bütindünýä Konferensiýasy üçin ýörite komitet we beýleki parahatçylyk, Ýaragsyzlanmak boýunça BMG-niň Sebitleýin merkezleri Aziýada, Ýuwaş ummanynda, Afrikada, Latyn Amerikasynda, Karib

basseýninde döredildi. Aziýa-Ýuwaş ummany ýurtlarynda ykdysady ösüş aýratynlygy taýdan ESKATO-nyň (Aziýa-Ýuwaş ummany sebiti boýunça BMG-niň Ykdysady we Durmuş Komissiýasy) agzalary Aziýanyň (Günbatar Aziýanyň Arap döwletlerinden galany) Okeaniýanyň döwletleri, şeýle hem Beýik Britaniýa, ABŞ, Fransiýa ýerine ýetirýän işleri gowy netijeleri görkezýär (onuň ştab-kwartirasy Bangkokda ýerleşýär).

Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň döwletleri bilen köpugurly hyzmatdaşlygy ösdürmek Garaşsyz Türkmenistanyň daşary syýasat strategiýasynyň esasy ugurlarynyň biridir. Bu sebitde umumy abadançylygyň maksatlaryna laýyk gelýän netijeli özara gatnaşyklary ösdürmek üçin ägirt uly mümkinçilik bar. Soňky ýyllarda dünýäde ykdysady taýdan görkezýän netijeleri babatda öňdäki orunlara çykýan Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň, şol sanda Gündogar we Günorta-Gündogar Aziýanyň döwletleri bilen däbe öwrülen dostlukly gatnaşyklar has-da berkeýär. Türkmenistanyň milli ykdysadyýeti, onuň senagatlaşdyrylmagyny hem-de sanlylaşdyrylmagyny düýpli özgertmäge tarap alnan ugur, Milli Liderimiz Gurbanguly Berdimuhamedowyň başyny başlan sebit we halkara ähmiýetli iri möçberli taslamalary dürli ugurlarda özara bähbitli gatnaşyklary işjeňleşdirmek üçin uly mümkinçilikleri açýar. Munuň özi Aziýa-Ýuwaş umman sebitinden hyzmatdaşlyk edýän döwletler Türkmenistan bilen uzakmöhletleýin esasda ýaýbaňlandyrmaga yzygiderli we barha artýan gyzyklanmalaryny şertlendirýär. 2019-njy ýylyň 26-njy awgustynda Singapur Respublikasyna ilkinji döwlet saparynyň bolup geçmegi, bu ugurdaky anyk mysallaryň biri hökmünde görkezmek bolar. Bu döwlet sapary ikitaraplaýyn netijeli gatnaşyklary mundan beýläk-de ösdürmegiň berk binýadyny goýdy. Taryhy ähmiýetli bu döwlet saparyna gabatlanyp, bilelikdäki işewürler maslahatynyň we türkmen eksport harytlarynyň sergisiniň, iki döwletiň hökümet wekiliýetleriniň agzalarynyň duşuşyklarynyň geçirilendigini bellemek gerek. Singapur döwleti tebigy baýlyklarynyň azdygyna garamazdan, uly eksport ediji ýurtlaryň hatarynda durýar [2].

Singapur kompaniýalarynyň we korporasiýalarynyň wekilleri hyzmatdaşlyk boýunça öz tekliplerini hödürlediler, şolaryň ençemesi ýokary tehnologiýaly, ylma esaslanýan önümçilikde dünýäde öňdebaryjylaryň hatarynda bellidir. Ýokary derejedäki duşuşyklaryň çäklerinde hyzmatdaşlyk boýunça anyk teklipler öňe sürüldi. Bu duşuşyklaryň gün tertibine türkmen-singapur gatnaşyklarynyň meseleleriniň giň toplumy girizildi, onda ýüze çykýan täze mümkinçilikleri nazara almak bilen, hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlary anyklaşdyryldy. Bir söz bilen aýdylanda, döwletara hyzmatdaşlygy baý many-mazmuna eýedir, onda söwda-ykdysady gatnaşyklar bilen bir hatarda, medeni-ynsanperwer ugurlara hem möhüm ähmiýet berilýär. Ýokary derejedäki gepleşikleriň jemleri boýunça ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi, olar işewürler maslahatynyň çäklerinde gol çekilen ylalaşyklar we ähtnamalar bilen bir hatarda, resminamalaryň uly toplumyny emele getirdi. Şeýlelikde, döwletara gatnaşyklaryny hil taýdan täze derejä çykarmagyň berk binýady goýuldy.

Türkmenistan Aziýa-Ýuwaş umman sebiti bilen gatnaşyklary ösdürmegi öz daşary syýasat we daşary ykdysady syýasatynyň strategik ugry hökmünde kesgitlemek bilen, Türkmenistanyň ozaldan bäri ygtybarly hyzmatdaşy hasaplanylýan Koreýa Respublikasy bilen netijeli özara gatnaşyklary pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýär. Türkmen-koreý hyzmatdaşlygyna yzygiderli okgunly häsiýet mahsusdyr, munuň şeýle bolmagyna iki döwletiň arasynda ýola goýlan ýokary we belent derejedäki yzygiderli syýasy gepleşikler ýardam berýär. Munuň özi geljek üçin ikitaraplaýyn gatnaşyklary ynamly ýola goýmaga, şolaryň düýpli ugurlaryny kesgitlemäge, geljege niýetlenen maksatnamalary düzmäge mümkinçilik berýär. Häzirki wagtda döwletara gatnaşyklaryny mundan beýläk-de giňeltmek, işewür gatnaşyklary köpugurly esasda ösdürmek, maýa goýum işini höweslendirmek, täze bilelikdäki taslamalary, şol sanda senagat ulgamyndaky taslamalary durmuşa geçirmek üçin ähli mümkinçilikler bardyr. Koreýa Respublikasynyň Prezidenti Mun Çže Iniň Türkmenistana döwlet sapary türkmen-koreý gatnaşyklarynyň taryhynda täze sahypany açdy. Aşgabatda ýokary derejede geçirilen gepleşikleriň barşynda söwda-ykdysady ulgamda özara gatnaşyklary ösdürmek meselesiniň ara alnyp maslahatlaşylmagyna möhüm orun berildi. Şu ýerde esasy koreý kompaniýalarynyň türkmen ykdysadyýetiniň dürli ulgamlarynda alyp barýan köpýyllyk işleri, iri düzümleýin taslamalara, şol sanda nebit-himiýa we gazy gaýtadan işleýän ulgamlardaky taslamalara gatnaşmaklary tagallalary üstünlikli birikdirmegiň nusgalyk mysaly bolup durýar. Bu ugurda "Galkynyş" käninde tebigy gazy arassalamak boýunça zawodyň, Türkmenbaşydaky nebiti gaýtadan işleýän zawodlar toplumyndaky ýokary hilli awtomobil benzinini öndürmek boýunça desganyň, Gyýanly şäherçesindäki polimer zawodynyň gurluşygyny mysal hökmünde görkezmek bolar [3].

Ulag ulgamyndaky hyzmatdaşlygyň hem geljegi uludyr. Bu ugurda Türkmenistan Demirgazyk-Günorta we Gündogar-Günbatar ugurlary boýunça multimodal üstaşyr-ulag geçelgelerini hem-de toplumlaýyn logistika düzümini kemala getirmegiň başlangyçlary bilen çykyş etdi. Şeýle hem senagat ulgamyndaky, hususan-da, elektron we dokma senagatyndaky gatnaşyklara türkmen-koreý hyzmatdaşlygynyň möhüm ugurlary hökmünde garalýar. Ähli ulgamlara sanly tehnologiýany yzygiderli ornaşdyrmak ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan ösmegi üçin möhüm ähmiýetlidir, bu ugurda Türkmenistanda koreýaly kärdeşler bilen tejribe alyşmaga bil baglanylýar. Şeýle hem Koreýa Respublikasyndan awtoulag tehnikasyny satyn almak ugry boýunça hyzmatdaşlygy dowam etdirmek üçin oňat mümkinçilikler bar. Bu gün Türkmenistanyň jemgyýetçilik ulaglary toplumynyň köp bölegini Koreýada öndürilen awtoulaglar tutýar. Däbe öwrülen ynsanperwer gatnaşyklary hem döwletara gatnaşyklarynyň aýrylmaz bölegidir, bu bilim hem-de hünärmenleri taýýarlamak, ylym, medeniýet, sport we syýahatçylyk ulgamlarynda özara gatnaşyklary yzygiderli çuňlaşdyrmagyň berk binýadydyr. Türkmenistanda koreý diline we koreý halkynyň gadymy özboluşly medeniýetine uly hormat goýulýar.

Aziýa-Ýuwaş umman sebitiniň ýurtlary bilen oňyn gatnaşyklary çuňlaşdyrmakda Türkmenistan bilen Ýaponiýanyň arasynda özara erk-islege esaslanýan gatnaşyklar deňhukukly, özara bähbitli anyk netijelere gönükdirilen hyzmatdaşlygyň aýdyň mysalydyr. Taraplar häzirki zaman taryhy şertlerde däp bolan dostluk gatnaşyklaryna ygrarlylygy görkezýärler, birek-biregiň ykdysady bähbitleriniň hem-de döwlet ösüşiniň ileri tutulýan ugurlarynyň deňeçerligine esaslanýan hyzmatdaşlygyň düýpgöter täze nusgasyny kemala getirýärler. Türkmen-ýapon hyzmatdaşlygy köptaraplaýyn görnüşde “Merkezi Aziýa+Ýaponiýa” hyzmatdaşlygynyň çäklerinde hem üstünlikli ösdürilýär. Işewürlik duşuşyklary hem-de forumlar, Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça Türkmen-ýapon komitetiniň mejlisleri gatnaşyklaryň okgunly ösdürilmegine, onuň ägirt uly kuwwatynyň durmuşa geçirilmegine ýardam edýär. 2023-nji ýylyň maý aýynda Aşgabatda bu komitetiň 13-nji mejlisi geçirildi. Oňa gatnaşmak üçin Ýaponiýadan “ITOCHU” korporasiýasynyň wise-prezidenti Ýoiçi Koboýaşiniň ýolbaşçylygynda wekilçilikli topar türkmen paýtagtyna gelip, okgunly ösýän türkmen bazarynda öz ornuny giňeltmäge ýaýbaňlandyrylan giň gerimli özgertmeler maksatnamalarynyň hem-de täze düzümleýin taslamalaryň durmuşa geçirilmegine gatnaşmaga gyzyklanma bildirýändiklerini tassykladylar [4].

Soňky ýyllarda dünýäde ykdysady görkezijileri babatda öňdäki orunlara çykýan Aziýa-Ýuwaş ummany sebitiniň öňe gidişligi babatda onuň geljekde has-da gowy netijelere ýetmegine täze we köptaraplaýyn üýtgetmeleri durmuşa ornaşdyrmak, Aziýa-Ýuwaş ummany sebitinde geljekde öňe sürülýän birnäçe meseleleri we täze emele gelýän mümkinçilikleri seljermek, geljekde bu sebitiň ösüşinde, ýagny onuň syýasatynda, halkara gatnaşyklarynda, ykdysadyýetinde we bazar ulgamynda birnäçe ugurlary kesgitlemek hem-de täze, peýdaly gatnaşyklaryň ösmegini gazanmak Türkmenistan döwletimiziň esasy maksatlarynyň biri hasaplanylýar.

## EDEBIÝAT


1. *Gurbanguly Berdimuhamedow*. Türkmenistan – abadançylygyň we rowaçlygyň ýurdy. – A.: TDNG, 2015.

2. *Gurbanguly Berdimuhamedow.* Parahatçylyk sazy, dostluk, doganlyk sazy. –A.: TDNG, 2016.

3. *Rahmanow A*. Diplomatik gullugyň esaslary. – A.: TDNG, 2012.

4. *Rahmanow A.* Türkmenistanyň daşary syýasatynyň we diplomatiýasynyň taryhy. – A.: TDNG, 2019.

5. *Karaýew B., Gurbanow N., Joraýew G.* Türkmenistanyň daşary syýasaty. – A.: TDNG, 2017.